# Şahyryñ keşbi / goşgular

Category: Ertekiler,Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Şahyryñ keşbi / goşgular ■ ŞAHYRYŇ KEŞBI

Tirkeş-tirkeş ýyllar içre boýlanyp,
Müňýyllyklar geçip gitdi aýlanyp,
Ägirtleriň hataryndan saýlanyp,
Örboýuna galdy şahyryň keşbi.

Arkadagyň permanyndan ýalkanyp,
Beýik ynsan kereminden galkynyp,
Asyrlaryň jümmüşinden silkinip,
Örboýuna galdy şahyryň keşbi.

Ýazan kitaplary halkyň elinde,
Nirde toý tutulsa türkmen ilinde,
Hoş owazly bagşylaryň dilinde,
Örboýuna galdy şahyryň keşbi.

Ýüreklere dowul salyp heseri,
«Babaröwşen», «Leýli – Mežnun» eseri,
Nurlandyryp beýik altyn asyry
Örboýuna galdy şahyryň keşbi.

Ýagşy işe köňül begenen ýagşy,
Gözler ýagşylykda eglenen ýagşy,
Ýagşy ynsan ilde beýgelen ýagşy,
Eýýama nur çaýdy ussadyň keşbi.

■ BU ÝERDE

Adyň dillerde aýdym,
Waspyň illere ýaýdym,
Şyh Kubra, Aşyk Aýdyň,
Pirler ýatyr bu ýerde.

«Huw-hak» diýip ýörenler,

Golun haka berenler,
Üç ýüz altmyş erenler,
Ärler ýatyr bu ýerde.

Hiç kim bilmez ykbalyn,
Alymmy ýa-da zalym,
Adamzada nämälim,
Görler ýatyr bu ýerde.

Küli göge sowrulan,
«Ýurt» diýip, ýanyp gowrulan,
Rowaýata öwrülen,
Nerler ýatyr bu ýerde.

Milli baýlygym-genjim,
Könürgenjim buýsanjym,
Bagtyýarlyk geljegim,
Ýollar ýatyr bu ýerde.

■ GELIPDIR

Owazasy ýedi yklyma dola,
Bagşylar sazyny alypdyr gola,
Gözüň aýdyň, toýlar mübärek bol-a!
Üsti kejebeli kerwen gelipdir.

Ýagyşyň yzyndan ýyldyrym çakyp,
Gömülen derýalar towlanyp akyp,
Taryhy yzarlap, täzeden galkyp,
Kelan metjidini guran gelipdir.

Dört ýüz kyrk dört derwezeli, galaly,
Taryhyň düýnüne nazar salaly,
Ertekiler dünýäsinden şuglaly,
Jadyly älemden seýran gelipdir.

Göroglynyň ýeller oýnap döşünde,
Bedew waspy ýüreginiň joşunda,
At çapdyryp, kyrk ýigidi daşynda,

Döwletli döwrany süren gelipdir.

Her dänäň müň bolup gögerýän ýerde,
Ylahy pikirler kök urýar serde,
Beýik Ýüpek ýolly, ykbally ýurda,
Arkadagly döwri-döwran gelipdir.

■ KERWEN GELDI

Hatar gurap, urpak-urpak çölden-ä,
Harytlarnyň waspy düşmez dilden-ä,
Alys-alys ülkelerden, ilden-ä,
Kerwen geldi, kerwen geldi halaýyk!

Men özümi şol kerwende duýmuşam,
Akmaýada göge ganat ýaýmyşam,
Gülläp ösdi ýaşaýyşam, durmuşam,
Kerwen geldi, kerwen geldi halaýyk!

Ýyldyzlaryň biri ýanyp , öçüb-ä,
«Kyrk alty müň agaç ýoly» geçib-ä,
Ak ineriň owsaryndan çekib-ä,
Kerwen geldi, kerwen geldi halaýyk!

Tebigatyň goýny doly synaga,
Säher çygy damjalap dur çanaga,
Eýe bolup, gadyr-gymmat sylaga,
Kerwen geldi, kerwen geldi halaýyk!

Ak gämiler giň ummanda ýüzüb-ä,
Akarlaryň tolkunyndan ozub-a,
Ýer ýüzüni aýlanyban, gezib-ä,
Kerwen geldi, kerwen geldi halaýyk!

Ugur hanjak, gelşi onuň nirden-ä,
Horjun-horjun ýüki atyp gerdene,
Arkadagly, ýüpek ýolly ýurduma,
Kerwen geldi, kerwen geldi adamlar!

■ MINARA

Arşyň gümmezine egnini deňläp,
Ylham bolup, ajap eser ýazara,
Asyrlaryň jümmüşinden seleňläp,
Gün yşkynda derläp otyr minara.

Beýik Ýüpek ýolly kerwensaraýyň,
Mähellesi sygmany giň bazara,
Ýaşaýyşa joşgun berýän surnaýyň,
Owazyny diňläp otyr minara.

Rowaýatlar ülkesiniň söhbetli,
Hekaýatly goýny meňzäp güzere.
Peder pendi, dana öwdi hikmetli,
Dür monjugyn nurlap otyr minara.

Bilen barmy bu zatlaryň anygyn,
Soragym kän ussa Seýit bimara.
Çöşläp aý-ýyllaryň syrly ýumagyn,
Barmagyna sarap otyr minara.

Türkmen soltan, şalarynyň baýdagy,
Derek boýy meňzäp misli çynara.
Uly kiçiň togap eýläp uýdugy,
Del gözlerden gorap otyr minara.

Bakylyk ýoluna başlamaz her kim,
Çür başynda daň şemaly awara,
Şyh Kubra, Al Biruny hem lukman Hekim,
Olar hakda gürläp otyr minara.

Mert, gaýduwsyz Jelaleddin soltanyň,
Wakasyndan gürrüň açyp özara,
Ruhy taýdan medet beren Watanyň,
Asmanyndan garap otyr minara.

Patasyny alyp Aşyk Aýdyňyň,
Başyn yrap elkyssaly sazlara,
Watana buýsanjy bolan adamyň,
Ýüreginde törläp otyr minara.

■ MUNDA

Uzak ýola hemdem, hemra bolsaňyz,
Aýak çekip, pirden pata alsaňyz,
Zyýarata-syýahata gelseňiz,
Türkmenistan — Beýik Ýüpek ýol munda!

Her menzilde düşläp, bazarlap barýan,
Düşlän ýerlerini gülzarlap barýan,
Geçmişden geljegi nazarlap barýan,
Türkmenistan — Beýik Ýüpek ýol munda!

Ojar otda gara tüňçe lasyrdan,
Sözeninde guş sürüsi pasyrdan,
Gursaklarda Watan bolup gürsüldän,
Türkmenistan — Beýik Ýüpek ýol munda!

Dost bolup geleni dogan saýarlar,
Ak bazarda halallygy söýerler,
Gadymy galalar, kerwensaraýlar,
Türkmenistan — Beýik ýüpek ýol munda!

Otly zogun çalýar tizligin tijäp,
Gämileň badyndan tolkunlar möwjäp,
Deňiz-derýa, howa ýollary ajap,
Türkmenistan — Beýik ýüpek ýol munda!

■ NEJIMEDDIN KUBRA

Sekiz asyr geçensoňam adama,
Baha biýr ekeni ömrüne görä.
Bu gün dünýä aşyk eziz adyňa,
Halatly pirimiz Nejimeddin Kubra.

Hakyň söýgüsinden alyp joşguny,
Mübärek jemalyn kirş edip tara,
Hakydamda möhürlediň keşbini
Halatly pirimiz Nejimeddin Kubra.

Ýyllar gadymýete gitse-de süýşüp,

Dergähiňden ýollar düşmedi aýra.
Tagzymyňa gelýär halaýyk üýşüp,
Halatly pirimiz Nejimeddin Kubra.

Bakylygy täleýine ýazypdyr,
Ýürekde wepasy hoş gelip Taňra,
Boljagy-geljegi aýan syzypdyr,
Halatly pirimiz Nejimeddin Kubra.

Bagtyýar döwürden nurlandy meňziň,
Saýra, sen dutarym, ýene-de saýra.
Taryh bolup, şugla saçdy zer sözüň,
Halatly pirimiz Nejimeddin Kubra.

Sag bolsun, mähriban Prezidentimiz!
Türkmeniň bagtyny göz-dilden gora,
Ýalkasyn gaýypdan keramatyňyz,
Hezreti pirimiz Nejimeddin Kubra.

■ PAÝHASLAR ÖÝI

Ruhy seždegähi päklik güzerniň,
Köneürgenç! Mukaddesdir huzuryň,
Özüne çekip dur ünsli nazaryň,
Kyrk molla depesi,
Paýhaslar öýi.

Köne galaň peştagynyň hatynda,
Hyýal çapyp barýar akyl atynda,
Taryhyň bar heňňamlaryň gatynda,
Kyrk molla depesi,
Paýhaslar öýi.

Gojaman dünýäniň ýyllar arasy,
Üzülmez riştedir olaň barysy,
Pederleriň ruhy siňen mirasy,
Kyrk molla depesi,
Paýhaslar öýi.

Türkmen soltanlary Il Arslan, Tekeş,
Zemin goragynda gurup kän darkaş,
Kerwen gurap ýyllar geçipdir tirkeş,
Kyrk molla depesi,
Paýhaslar öýi.

Meşhur eýlän Ibn Sina lukmany,
Birunynyň sapak berip, okany,
Gülläp ösen ylym-bilim mekany,
Kyrk molla depesi,
Paýhaslar öýi.

Garagapy ata, Törebeg hanym,
Mukaddes dergähim, jigerim janym,
Gadymy mirasym, müdimi şanym,
Kyrk molla depesi,
Paýhaslar öýi.

Üstaşyr öwüsýän asyr sedasy,
Olaryň kän zady gelýär aýdasy,
Mamun hökümdaryň akademiýasy,
Kyrk molla depesi,
Paýhaslar öýi.

Gadymýetiň takyk, aýdyň delili,
Nejimeddin Kubraly, Pirýar welili,
Jebrut äleminiň syrly jelili,
Kyrk molla depesi,
Paýhaslar öýi.

Maňlaýynda ýyllaň basan möhüri,
Ertirinde bagtyýarlyk säheri,
Eçilip dur barça çäksiz mahiri,
Kyrk molla depesi,
Paýhaslar öýi.

Golun berip Arkadagly Diýara,
Gapdalynda belent başly minara,
Nusgalyk mekdebi halkyň uýara,

Kyrk molla depesi,
Paýhaslar öýi.

■ SERWER

Şugla saçyp, jümle jahan döşünde,
Badalgasy bagtyýarlyk joşunda,
Gadym ýurdum, boýlap täze ösüşi
Rowaçlanýar, göwünleriň hoşunda.

Nury-didäň röwşenlenip sogapdan,
Ruhy dünýäň kemal tapar togapdan,
Asyrlaryň jümmüşinden çöşlesem,
Göwnüm ganmaz, müň bir syrly jogapdan.

Gysym gumun göterip men ýanymda,
Müdimilik öwşün atýar aňymda
Bu gün baky gadymýete gol berip,
Ömürbaky dirilik bar janynda,

Azan owazyna örýär säherim,
Dahan içre nogul-nabat şekerim,
Arkadagly döwürden galkynýar bu gün,
Altyn asyr derwezeli şäherim.

Ýyllar bekän synalary mäkämdir,
Ýeller üfän gamyşlary mukamdyr,
Köneürgenjim gadym ýurdum dünýewi,
Üç ýüz altmyş öwlüýäli mekandyr.

■ TÖREBEG HANYMYŇ KÖŞGI

Köneürgenjiň gujagynda,
Mukaddeslik ojagynda,
Mälim dünýäň künjeginde,
Törebeg hanymyň köşgi.

Meşhurlykda ýer ýüzüne,
Rowaýata baý hazyna,
Bendi eýläp dur özüne,

Törebeg hanymyň köşgi.

Gök gümmezli, şatagt jaýly,
Kyrk bäş basgançak aýlawly,
Dört tirkeş, on iki aýly,
Törebeg hanymyň köşgi.

Gerdeninde söýgiň keşgi,
Ýüreginde öçmez yşky,
Seýit ussaň aşyk keşbi,
Törebeg hanymyň köşgi.

Ýere gaçan daş syrçasyn,
Öwrensem synlap degresin,
Gadymy dünýä mirasym,
Törebeg hanymyň köşgi.

Tarypyňy okap, eşden,
Müňläp-müňläp jahankeşdäň,
Güzeri sen owal başdan,
Törebeg hanymyň köşgi.

Annatuwak KAKAÝEWA. Goşgular